# Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň ikinjisi

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pygamberimiz hakda dogrudyr öýdülýän 10 ýalňyşyň ikinjisi
PYGAMBERIMIZ HAKDA DOGRUDYR ÖÝDÜLÝÄN 10 ÝALŇYŞYŇ IKINJISI

Bu aýdýanlarym pygamberlikden öň bolan zatlar, mugjyzasy aňyýete görä pygamberliginde-de «geň-taňsy wakalar» dowam edýär. Bularyň iň meşhury «Kamar» süresindäki aýatyň şeýle düşündirilmegidir: ýagny, şeýle diýilýär: «Pygamberimiz Aýy ikä böldi. Müşrikler «Aýy ikä bölüp görkezsene!» diýdiler. Pygamberem elini galdyrdy we Aýy ikä böldi. Müşrikler muny gözi bilen görüp duran wagtlarynda-da, ynanmadylar.»
Bular ýaly zat bolmandyr. Müşrikler bilen bular ýaly jedelem bolanok. Eger bu rowaýat dogry bolaýan ýagdaýynda, şeýleräk bolan bolmagy ahmal: Pygamberimiz yşarat barmagy bilen Aýy görkezip: «Serediň, ine, Allanyň aýaty, görüň». Olaram diýendir: «Ýeri, Allanyň aýaty diýýäniňi biz her günem görýäris, ony ikä böl, göreli. Bizem seniň pygamberdigiňe Aýy ikä bölüp görkezeniňde ynanaly.» Pygamberem: «Ähli güýç Allanyň elinde, maňa ony size diňe görkezmek we yşarat etmek buýrulan» diýendir, wessalam. Waka şonlugyna gutarandyr. Emma biziň musulmanlarymyz jöhitlerden Musanyň «mugjyzalaryny», hristianlardan Isanyň «mugjyzalaryny» diňlänsoň, «Eýho, olaryň pygamberleriniň şonça mugjyzasy bar, biziň pygamberimiziňki olaň ýanynda bärden gaýdýar, onuňam mugjyzasy bolaýmaly» diýip, Aýy ikä böldüripdirler (şu gürrüňi çykarypdyrlar). Özem muňa goşmaça hadysam toslap, siýer kitaplaryna-da salypdyrlar. Aslyýetine garanda, pygamberimiziň (s.a.w) müşrikler bilen jedeli bular ýaly däldi, rowaýat pygamberiň müşrikler bilen jedeliniň düýp sebäbinem gizleýär. Pygamber müşrikler bilen Aýy ikä bölüp bilýändiginiň ýa-da bilmeýändiginiň üstünde jedelleşmedi. Olara Allanyň bardygyny subut etjegem bolmady. Olara «namaz okaň, oraza tutuň, haja gidiň» hem diýmedi,

müşrikler öñem bu ybadatlary ýerine ýetirip ýördüler. Pygamber (s.a.w) olara: «Mülk Allañkydyr. Gullary azat ediñ, olary Alla ýaratdy. Düýeleri agyllaryñyza toplamañ, olary garyp-gasarlara paýlañ. Adamlara göterimine altyn-pul berip, olary ezmäñ» diýdi. Ýagny, pygamberimiz (s.a.w) sosial signallar berdi, bu bolsa müşriklere ýaramady. Hudaýa, pygambere ynanýandyklaryna, haja gidýändiklerine, gusul täretini alýandyklaryna garamazdan, pygamberi asla bagyşlaman, öz derejelerini ýitirmejek bolup, onuñ garşysyna söweşdiler. Çünki dowam edip gelýän sistema, düzgünlerine çomak sokandygy üçin pygamberi halamadylar, ony göresleri gelmedi. Emma bu waka başgarak röwüşde gürrüñ berilýär, hamana pygamber bilen müşrikleriñ arasynda teologik jedeller bolup geçenmiş. «Kyýamat barmy, Alla barmy, Aýy ikä bölüp görkez» diýen ýaly. Hamala göreş teologik çekişme bolup, sosial waka bolmadyk ýaly. Aslynda ýagdaý düýbünden başgaça: häzirki ýagdaý nähili bolsa, şowagtam şody. Adamzat şumat näme gözleýär: adalat gözleýär, deñlik, azatlyk gözleýär, şowagtam şeýledi. Gullar bardy, aýal-gyzlar ikinji derejeli adam hasaplanýardy, adalat ýokdy, zulum bardy. Pygamber bulara garşy çykdy. Onuñ töweregine esasan ejizler, hossarsyzlar has köp üýşdi. Mekgeliler mundan ynjalyksyzlandylar we oña her tüýsli töhmet atdylar, mesele şundan ybarat. Bular ýaly fantastiki gürrüñler pygamberimiziñ (s.a.w) sosial signallaryny doly ýok edýär we «asmana seret, asmana» diýip, biziñ ýer bilen baglanşygymyzy kesýär.

(Dowamy bar)… >>

Rejep IHSAN ELIAÇYK. Geň-tańsy wakalar